











# Ýerli derejedäki inklýuziw ýokary hilli durmuş hyzmatlaryny ornaşdyrmak arkaly durmuş taýdan goraglylyk ulgamyny kämilleşdirmek

Türkmenistanyň Hökümeti bilen Türkmenistanda BMG-niň bilelikde durmuşa geçirýän maksatnamasy

BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY
TÜRKMENISTAN

JOINT SDG FUND

# Baş sahypa


Sözbaşy 5

Giriş 6

Türkmenistanyň şertleri 6

Bilelikdäki maksatnama 8

Bilelikdäki maksatnama boýunça hyzmatdaşlar: Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy 11

KOMPONENT 1 Ýerli derejede durmuş hyzmatlarynyň inklýuziw nusgasy, esasy elementleri bilen birlikde işlenip düzüldi we ornaşdyryldy 14

Hyzmatlar nusgasynyň taslamasy we hasaplanmasy 16

Tehniki şertleri işläp taýýarlamak we olary gözden geçirmek 18

Baha berme 18

Durmuş işi boýunça hünärmenler we ýöriteleşdirilen hyzmatlar tarapyndan goldaw berilmegi 19

KOMPONENT 2 Durmuş hyzmatlarynyň ornaşdyrylmagyna ýardam bermek üçin institusional we kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döretmek 22

Durmuş hyzmatlarynyň kanunçylyk we kadalaşdyryjy binýadyna syn berildi 24

Durmuş-ykdysady taýdan seljeriş işleri 24

KOMPONENT 3 Milli durmuş işiniň we durmuş hyzmatlarynyň işgärleriniň mümkinçiliklerini pugtalandyrmak 26

Durmuş işiniň nazaryýetini we tejribesini öwretmek 29

Okuw meýilnamasyny işläp taýýarlamak 29

Öwrenilen sapaklar 30

Garaşylýan netijeler 32



# Sözbaşy

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri we Türkmenistanda BMG-niň hemişelik utgaşdyryjysy hökmünde, biz Türkmenistanyň Hökümetiniň we Birleşen Milletler Guramasynyň ýurtda inklýuziw ýokary hilli durmuş hyzmatlaryny ornaşdyrmak baradaky Bilelikdäki maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi baradaky synyny uly hormat bilen hödürleýäris.

Bilelikdäki maksatnama iki ýylyň dowamynda uly üstünlikleri gazandy. Ilki bilen, her bir hyzmatyň durmuşa geçirilmegine goldaw bermek üçin durmuş hyzmatlary barada täze Kanun kabul edildi we birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalary işlenip düzüldi. Ikinjiden, Türkmenistanda indi döwlet býudjeti tarapyndan tölenýän, durmuş işi boýunça hünärmenler işleýär. Durmuş işi boýunça hünärmenler we durmuş işine degişli hünärmenler berilýän goldawyň birnäçe ugurlary boýunça tälim aldylar (şol sanda amaly okuw geçdiler). Iň esasy zat, Türkmen jemgyýetiniň iň ejiz toparlarynyň köpüsine eýýäm täze durmuş hyzmatlary berildi.

Global pandemiýanyň döredýän kynçylyklaryna garamazdan, biz üstünlik gazanmagy başardyk. Işiň täze usullary, ýüzbe-ýüz duşuşyklar mümkin bolmadyk ýagdaýynda-da, innowasion telekommunikasiýa arkaly okuwyň hemişe dowam etdirilýändigini aňladýardy.

Bilelikdäki maksatnamanyň başga-da birnäçe peýdaly taraplary bar. Bularyň arasynda Türkmenistanda ilatyň dürli toparlarynyň zerurlyklaryna has giňişleýin düşünmek we karar kabul etmekde ýerli maglumatlarynyň has köp ulanylmagydyr. Bilelikdäki maksatnamany durmuşa geçirmek boýunça BMG-niň dürli edaralarynyň arasynda we ministrlikleriň arasynda ýakyn hyzmatdaşlyk, sebitdäki beýleki ýurtlar üçin we ondan daşgary gowy mysal bolup biler.

Sözümiziň ahyrynda, biz Türkmen halkynyň bähbidi üçin ýadawsyz işlemegini dowam etdirýän hyzmatdaşlarymyza, täze taýýarlanan we işe bellenen durmuş işi boýunça hünärmenlere we durmuş işgärlerine çuňňur minnetdarlygymyzy bildirýäris.

**Muhammetseýit Sylapow**
Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri

**Dmitriý Şlapaçenko**
Birleşen Milletler Guramasynyň hemişelik utgaşdyryjysy

# Giriş

Bu neşirde, DÖM-iň bilelikdäki gaznasynyň maliýeleşdirmegi bilen, Türkmenistanyň Hökümeti we Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy tarapyndan durmuşa geçirilýän “Ýerli derejede inklýuziw ýokary hilli durmuş hyzmatlaryny ornaşdyrmak arkaly durmuş taýdan goraglylyk ulgamyny kämilleşdirmek” atly Bilelikdäki maksatnamanyň gazananlaryna syn berilýär. Bilelikdäki maksatnamanyň ýerine ýetiriji hyzmatdaşlary Türkmenistanda BMG-niň ÝUNISEF, BMGÖM, ÝUNFPA, BMG-niň Neşe serişdelerine we jenaýatlara garşy müdürligi ýaly edaralarydyr we Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligidir. Bilelikdäki maksatnama ilkibaşda 2020-nji ýylyň ýanwaryndan 2022-nji ýylyň ýanwaryna çenli iki ýyllyk maksatnama hökmünde göz öňünde tutulypdy, ýöne COVID-19 ýokanjynyň global pandemiýasynyň netijesinde, ol 2022-nji ýylyň iýun aýyna çenli uzaldyldy.

## Türkmenistanyň şertleri

Her bir raýatyň durmuş taýdan goraglylyga bolan hukugy Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilendir. Mertebä bolan hukuk, jemgyýetde öz mümkinçiliklerinden peýdalanyp, özbaşdak ýaşamak we zorlukdan goranmak hukugy Birleşen Milletler Guramasynyň Maýyplygy bolan adamlaryň hukuklary hakyndaky konwensiýasynda (MHK), Çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýasynda (ÇHK) we Aýallary kemsitmegiň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda konwensiýasynda (AKÝK) kepillendirilýär.

Bilelikdäki maksatnamanyň ýola goýulmazyndan öň Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Kodeksi diňe maýyplygy bolan ulular we gartaşan adamlar üçin durmuş hyzmatlaryny düzgünleşdirýärdi. Ulgam, bu hyzmatlardan peýdalanýan adamlara özbaşdak ýaşamaga mümkinçilik bermek üçin hukuklara esaslanýan çemeleşmäni kabul etmäge däl-de, eýsem hyzmatlardan peýdalanýan adamlara özleriniň esasy zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga ukypsyzlygyndan ugur alýardy.

Aslyýetinde, durmuş taýdan goraglylyk ulgamy, esasan, nagt pul kömekleri, ýaşaýyş ýeri boýunça idegi we Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň (ZIDTGM) sebitleýin durmuş taýdan hyzmat edýän edaralar üsti bilen alty şäherde amala aşyrylýan, maýyplygy bolan az sanly ululara we gartaşan adamlara elýeterli bolan, ýaşaýyş ýeri bermezden ideg boýunça çäkli hyzmatlary hödürleýär. Käbir jemgyýetçilik guramalary (JG) hem, maýyplygy bolan adamlara, zorluga sezewar bolan aýallara çäkli maddy goldawy, şeýle hem ýekelikde ýaşaýan ene-atalara ýa-da aýrylyşýan är-aýala maslahat beriş hyzmatlaryny hödürleýärdiler.

Jemgyýet ejiz adamlara, şol sanda ene-atalarynyň hossarlygyndan mahrum galan çagalara goldaw bermekde, şeýle hem mätäçlere esasy kömegi bermekde, maşgalanyň içindäki dawa-jenjelli ýagdaýlaryň çözgüdini tapmakda we aýal-gyzlara, çagalara we gartaşan adamlara garşy zorluk ýagdaýlarynda maşgalalaryna ep-esli derejede bil baglaýar. Şol bir wagtyň özünde aýallaryň gerdenine tölenmeýän idegiň we öý işleriniň deňeçersiz agyr ýüki düşýär. Maşgalany goldamagyň bu adaty resmi däl ulgamlaryna ykdysady we durmuş taýdan beýleki üýtgeşmeleriň goşmaça agram salmagy çagalary, maýyplygy bolan adamlary, aýallary we gartaşan adamlary ýalňyzlyga, äsgerilmezlige, gödek gatnaşyklara we zorluga sezewar edýär.

Çagalaryň we ýekelikde ýaşaýan gartaşan adamlaryň käbirleri (şol sanda çagalar öýlerine, ýetimler öýlerine ýa-da maýyplygy bolan çagalar üçin internatlara düşýän çagalar, maýyplygy bolan ulular, ýa-da ýekelikde ýaşaýan gartaşan adamlar) ýerli derejede agyr durmuş şertlerinde ýaşaýan maşgalalara we adamlara goldaw bermek boýunça hyzmatlaryň ýoklugy sebäpli internat görnüşli edaralara düşüpdiler. Gündelik durmuşda ýerli derejede ideg we pul kömekleri ilatyň ejiz toparlarynyň duçar bolan durmuş meseleleriniň köpüsiniň çözgüdi bolmaýar.

Durmuş taýdan goraglylyk ulgamy iş ýüzünde jemgyýetiň ejiz toparlary bilen ilatyň giň gatlaklarynyň arasyndaky üzňeligi ep-esli derejede giňeltdi. Durmuş taýdan daşlaşmaklyk, esasan hem maýyplygy bolan çagalar we ulular, töwekgelçilik toparyndaky ýaşlar, zorluga sezewar bolýan aýallar, şeýle hem ýekelikde ýaşaýan gartaşan adamlar üçin çynlakaý mesele bolup durýar. Arakhorluk ýa-da beýleki garaşlylyk döredýän endiklerden ejir çekýän agzalary bolan maşgalalar goldawa mätäçdiler we maşgaladaky zorlukdan örän az adam habardardy. Bu ejizlik faktorlaryň çözgüdi, şol sanda aýry-aýry öý-hojalyklarynyň ýaşaýyş şertleriniň pes ýagdaýda bolmagynyň doly derejede çözgüdi tapylmaýardy. Habar beriş ulgamy, şahsy zerurlyklara baha bermek, ugrukdyrma mehanizmlary, hyzmatlary bermegiň talaplary we kadalary, kepillendirilen döwlet maliýeleşdirilmesi we durmuş işi boýunça hünärmenler ýaly resmi durmuş hyzmatlar ulgamynyň beýleki bölekleri ýokdy.



Bar bolan durmuş hyzmatlarynyň 2021-nji ýylda Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde soraşma usuly bilen geçirilen inwentarizasiýasy ýurtda durmuş hyzmatlaryna zerur bolan goldawyň ýetmezçilik edýändigini ýene bir gezek ýüze çykardy. Bar bolan durmuş hyzmatlarynyň seljermesiniň netijesinde, 6 000 töweregi adamyň (ilatyň takmynan 0.01%-niň)[1] ýurtda döwlet tarapyndan durmuş taýdan goldawy alandygyny we olaryň köpüsiniň – hem ulularyň hem-de çagalaryň - internatlarda ýaşaýandygy ýüze çykdy. 2019-njy ýylyň resmi maglumatlaryna görä, takmynan 5 230 çaga (her 100,000 çaga başyna 210)[2] dürli görnüşli internat edaralarynda ýaşaýardy, olaryň köpüsi maýyplygy bolan çagalardy. Ulularyň diňe 1 985-si Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň alty sebit merkeziniň gündizki stasionar hassahanalarynda howandarlyk we durmuş taýdan goldawyny alýardylar[3]. Şol bir wagtyň özünde, ilatyň beýleki ejiz toparlarynyň zerurlyklary hasaba alynmaýardy we olar üçin durmuş hyzmatlary berilmeýärdi.

Türkmenistanyň Hökümeti bu kynçylyklara düşünip, özüniň ösüş babatynda orta möhletleýin Milli maksatnamasynda we Adam hukuklary babatyndaky hereketler Meýilnamalarynda durmuş hyzmatlaryny gowulandyrmagy ileri tutulýan ugur hökmünde belledi. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda esasy maksatlarynyň biri, durmuş hyzmatlarynyň hilini kämilleşdirmek bolup durýar.

1 Durmuş hyzmatlarynyň sanawy, Bilelikdäki maksatnama/BMGÖM, 2020 ý.

2 Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti, 2021ý.

3 Durmuş hyzmatlarynyň sanawy, Bilelikdäki maksatnama/BMGÖM, 2020 ý.

Hökümet bar bolan durmuş hyzmatlaryny bermegiň ulgamyna düýpli üýtgetmeleri girizmegi, şeýle hem Durnukly ösüş maksatlaryna (DÖM) we çagalaryň, maýyplygy bolan adamlaryň, hem-de aýallaryň hukuklary hakynda halkara konwensiýalara laýyk gelýän milli ileri tutulýan ugurlaryň maksatlaryna ýetmegi maksat edinýär.

## Bilelikdäki maksatnama tarapyndan goldanýan Durnukly Ösüş Maksatlary:

# Bilelikdäki maksatnama




Hökümetiň edýän tagallalaryny goldamak üçin, Birleşen Milletler Guramasy döwlet edaralarynyň (esasy hyzmatdaş hökmünde Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi) hem-de milli jemgyýetçilik guramalarynyň (JG) durmuş hyzmatlaryny hödürlemek boýunça mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak babatynda ýardam berýär. 2019-njy ýylda Türkmenistanyň Hökümetiniň we BMG-niň 2020-2022-nji ýyllar üçin durmuş hyzmatlary boýunça ilkinji bilelikdäki maksatnamasy tassyklandy.

Bilelikdäki maksatnama ilatyň ähli ejiz toparlarynyň (şol sanda ene-atasyndan aýrylmak howpyndaky çagalaryň, ene-atalarynyň hossarlygyndan mahrum galan çagalaryň, maýyplygy bolan çagalaryň, töwekgelçilik toparyndaky ýaşlaryň, gender esasly zorluga sezewar bolýan aýallaryň, maýyplygy bolan ulularyň, ýekelikde ýaşaýan gartaşan adamlaryň we gündelik esasy idege mätäç bolan beýleki adamlaryň) şahsy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we jemgyýete goşulyşmagyny üpjün etmek üçin durmuş işi boýunça hünärmenler we durmuş hyzmatlarynyň tejribeli üpjün edijileri tarapyndan hödürlenýän ýerli derejede ýokary hilli durmuş hyzmatlaryna elýeterliligini üpjün etmäge niýetlenendir.

Durmuş taýdan integrasiýa – her kimiň, gelip çykyşyna garamazdan, öz durmuş mümkinçiliklerini doly derejede amala aşyryp biler ýaly edilýän tagallalaryň prosesidir. Şeýle tagallalar hyzmatlara we çeşmelere deň derejede elýeterliligi üpjün edýän, şeýle hem raýatlara olaryň durmuşyna täsir edýän kararlary kabul etmegiň proseslerine gatnaşmaga mümkinçilik berýän syýasaty we hereketleri öz içine alýar.

BÝUJETI

2,350,000 $

Maksatnamany durmuşa geçirmegiň möhletleri

**2020**-nji ýylyň ýanwary — **2022**-nji ýylyň iýuny



## Bilelikdäki maksatnamanyň gazanan esasy üstünlikleri

### 1

Durmuş hyzmatlary hakyndaky täze Kanun kabul edildi we birnäçe düzgünnamalar işlenip taýýarlanyldy.

### 2

Ilaty durmuş taýdan goramak kodeksi gözden geçirildi we Ilaty durmuş taýdan goramak babatynda täze Kanuna laýyklykda üýtgetmeler girizildi.

### 3

Ýerli derejede durmuş hyzmatlarynyň nusgasynda esasy orun tutýan 12 täze ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlarynyň synagdan geçirilmegi tamamlanýar.

### 4

Geljekde Hökümete gowşurmak üçin täze ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlarynyň durmuşa geçirilmegine goldaw berýän kadalaşdyryjy resminamalar işlenip düzüldi.

### 5

Durmuş işi boýunça 45 hünärmenleriniň zähmet haky döwlet býujetiň hasabyna girizildi.

### 6

Durmuş hyzmatlary bilen üpjün edýän döwlet edaralarynyň we hökümete dahylsyz guramalaryň işgärleri we olaryň dolandyryş düzümi, şeýle hem durmuş işi bilen galtaşýan hünärleriň işgärleri (şol sanda hossarlyk edýän edaralar, ýetginjekleriň meselelerine gözegçilik edýän edaralar, polisiýa, neşe bejeriş klinikalar, bilim we saglyk pudaklary) durmuş taýdan goldaw bermek ugurlary boýunça, şol sanda tejribe üsti bilen, tälim aldylar, bu bolsa netijelere ýetmegi çaltlaşdyrmaga mümkinçilik berdi.

### 7

Köp adamlar durmuş hyzmatlaryndan gönüden-göni peýdalandylar, şunuň bilen birlikde, döwlet tarapyndan berilýän durmuş hyzmatlaryndan peýdalanýan adamlaryň sany iki esse diýen ýaly artdy.

### 8

Durmuş hyzmatlaryny synagdan geçirmäge gatnaşýan durmuş işi boýunça hünärmenler we jemgyýetçilik guramalarynyň işgärleri diňe bir işe tiz wagtda girişmek bilen çäklenmän, eýsem durmuş işiň we durmuş taýdan goldaw bermegiň esaslary we tejribesi babatynda hem tälim aldylar.

### 9

Ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlarynyň käbirini synagdan geçirýän jemgyýetçilik guramalary hökümete dahylsyz guramalaryň maliýeleşdirilmegi az mukdarda bolmagyna garamazdan, ýerli derejede durmuş hyzmatlaryny bermek boýunça mümkinçilikleriniň bardygyny we olaryň netijeliligini görkezdi.

### 10

Türkmenistanda durmuş hyzmatlary üçin Tejribeçileriň jemgyýeti emele geldi, onda tejribe geçýän hünärmenleriň (durmuş hyzmatlarynyň, saglygy goraýyş, bilim we hukuk goraýjy edaralaryň hünärmenleriň), syýasaty düzýän şahsyýetleriň, hem-de ýurduň içindäki we daşary ýurtlardaky akademiki gurşawdan bolan şahsyýetleriň arasynda özara gatnaşyk döredi.

BMG-niň Türkmenistandaky wekilhanasynyň goldaw bermegi bilen, Hökümet durmuş işi diýen düşünjesini girizmek we ýerli derejede inklýuziw durmuş hyzmatlarynyň milli nusgasyny işläp taýýarlamak arkaly durmuş hyzmatlarynyň gerimini giňeldýär we döwrebaplaşdyrýar. Ol iki bölekden ybarat:

- Aýratyn şahsyýetleriň ýa-da maşgalalaryň ideg, goldaw we gorag zerurlyklaryna baha bermek, goldaw we hyzmatlary bermegiň ýa-da hyzmatlaryň berlişini dolandyrmagyň meýilnamalaryny işläp taýýarlamak üçin kanun tarapyndan bellenen ýerli derejede durmuş hyzmatlarynyň ulgamy.
- Aýratyn zerurlyklary bolan ilatyň ejiz toparlaryny goldamak üçin ýerli derejede ýöriteleşdirilen hyzmatlar.

2019-njy ýylda geçirilen Köp Görkezijili Klaster Barlagy (MICS) ýaşaýan ýerine görä, durmuş hyzmatlaryny nirede we nädip alyp boljakdygyny bilýän adamlar barada - olaryň ýaşaýyş ýerine, ýaşyna we ilatyň umumy sany boýunça maýyplygy bolan adamlaryň paýyna görä bölünen maglumatlary berdi. Şeýle hem barlag aýallaryň zorluga bolan garaýşyna baha bermäge mümkinçilik berdi, munuň özi bu ugurda durmuş işiniň ähmiýetini görkezdi.

## Durmuş taýdan goldaw bermek üçin tölegleri we kömek pullaryny bermegiň gerimi:

Ilatyň 2 iň garyp gatlaklarynyň öý hojalyklary: **62%**

Öý hojalygynyň ähli agzalary: **67%**

Ähli öý hojalyklarynyň çagalary: **68%**

Ähli öý hojalyklarynyň 3 ýaşa çenli çagalary: **98%**

Hökümet BMG bilen bilelikde halkyň durmuş hyzmatlardan habardarlygyny ýokarlandyrmagyň üstünde işleýär.

Bilelikdäki maksatnamanyň strategiýasy ÝUNISEF-iň köp sanly gözleglerine esaslanýar, olaryň netijesinde durmuş hyzmatlaryny ýaýbaňlaşdyrmak we durmuş hyzmatlarynyň işgärleriniň ukyplaryny ösdürmek boýunça on ýyllyk hereketler Meýilnamasy işlenip düzüldi. Mundan başga-da, ol bar bolan durmuş hyzmatlary arkaly ýurtda ilatyň ejiz toparlarynyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak, şeýle hem ýerli derejede täze durmuş hyzmatlaryny ornaşdyrmak üçin hödürlenen teklipler boýunça BMGÖM-iň geçiren barlag işlerine, şol sanda döwlet tarapyndan durmuş hyzmatlaryny sargyt etmegi esasynda durmuş hyzmatlaryny üpjün edýän hökümete dahylsyz guramalarynyň mümkinçiliklerine baha berilmegine, şeýle hem döwekgelçilik toparyndaky ýaşlar we gender esasly zorluga sezewar bolýan aýallar üçin durmuş hyzmatlarynyň pudagara ulgamyny ösdürmek boýunça ÝUNFPA-nyň we BMG-niň Neşe serişdelerine we jenaýatlara garşy müdürliginiň mandatlarynyň çäginde amala aşyrylan öňki işlere esaslanýar.

Ýerli derejede durmuş hyzmatlarynyň täze nusgasyny Türkmenistanyň durmuş we medeni kontekstini göz öňünde tutulyp taýýarlandy. Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde esasy milli hyzmatdaş Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi (ZIDTGM), Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan esasy edara bolsa ÝUNISEF bolup durýar. Beýleki esasy milli hyzmatdaşlar Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Mejlisi hem-de Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bolup durýar.

## Esasy hyzmatdaşlar gözden geçirilenden soňra, indiki bölümlerde Bilelikdäki maksatnamanyň üç komponenti boýunça gazanylan üstünliklere has içgin seredilýär:

1. Ýerli derejede inklýuziw durmuş hyzmatlarynyň nusgasyny işläp taýýarlamak.
2. Ýaşaýan ýeri boýunça durmuş hyzmatlaryny bermegiň täze ulgamyny ornaşdyrmaga ýardam etmek üçin institusional mehanizmlerini döretmek hem-de kanuny we kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň berjaý edilişini üpjün etmek.
3. Ýurtda durmuş işini ýaýbaňlaşdyrmak we durmuş hyzmatlarynyň işgärleriniň mümkinçiliklerini artdyrmak.

We ahyrynda hasabat Bilelikdäki maksatnamanyň üstünlikleriniň uzak möhletde nädip goldanjakdygynyň seredilmegine bagyşlanan bölüm bilen tamamlanýar.

# Bilelikdäki maksatnama boýunça hyzmatdaşlar:<br>Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy

Birleşen Milletler Guramasynyň dört edarasy Bilelikdäki maksatnamanyň maksatlaryna ýetmek üçin milli hyzmatdaşlar bilen işleşdiler. Olaryň Bilelikdäki maksatnamany durmuşa geçirmek ugrunda tutan orunlary aşakda gysgaça beýan edilýär:

| Gurama | | Taslamadaky orny |
|---|---|---|
| unicef for every child | Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasy (ÝUNISEF) 190-dan gowrak ýurtda we sebitde çagalary halas edip, olaryň hukuklaryny gorap we olara çagalygyndan başlap ýetginjeklik döwrüne çenli mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge ýardam etmek üçin iş alyp barýar. We biz hiç haçan boýun synmaýarys. | Bilelikdäki maksatnamany meýilleşdirmek, baha bermek, durmuşa geçirilmegini goldamak, seljermek we gözegçilik etmek boýunça umumy ýolbaşylyk.<br>Bilelikdäki maksatnamany durmuşa geçirmek üçin döwlet hyzmatdaşlaryny we durmuş hyzmatlarynyň nusgasyny **strategik taýdan goldamak**, şol sanda Türkmenistanyň sebitleriniň 2**0 etrabynda durmuş işgärleriň işe alynmagyna we ornaşdyrylmagyna goldaw bermek.**<br>Türkmenistanda durmuş işini ösdürmäge sazlaşykly, jebislendirilen tehniki çemeleşmäni üpjün etmek maksady bilen, **Her çaga üçin hyzmatdaşlyk** (P4EC) arkaly **Esasy tehniki maslahat beriş toparynyň** goldawyny bermek.<br>Türkmenistanda durmuş işiniň nazaryýetini we tejribesini döretmek üçin goldaw bermek. Milli şertlere laýyklykda ýokary bilimiň, okuw meýilnamalarynyň we durmuş işiniň maksatnamalarynyň milli ülňülerini işläp taýýarlamak.<br>Maýyplygy bolan çagalar, ene-atalarynyň hossarlygyndan mahrum galan çagalar we ýetginjekler, şeýle hem ene-atalaryndan aýrylmak töwekgelçiliginiň toparyndaky çagalar üçin **durmuş hyzmatlarynyň täze görnüşlerini ösdürmek we synagdan geçirmek.** |
| U N D P | Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy (BMGÖM) garyplygy ýok etmekde, deňsizligi we durmuş taýdan üzňeligi azaltmakda ýardam edip, 170-den gowrak ýurtda we sebitde işleýär. Biz ýurtlara ösüş ugrundaky netijeleri goldamak üçin strategiýalary işläp taýýarlamak, ýolbaşçylyk etmek we hyzmatdaşlar bilen özara gatnaşmak ugrunda institusional mümkinçilikleri ösdürmekde we durnuklylygy ýokarlandyrmakda goldaw berýäris. | Durmuş işi boýunça 300-den gowrak täze we bar bolan hünärmen-tejribeçi, şol sanda durmuş işgärleri, durmuş işi bilen baglanyşykly hünärleriň hünärmenleri, milli, sebitleýin we ýerli derejelerde durmuş hyzmatlaryny üpjün edýän döwlet we hökümete dahylsyz guramalaryň ýolbaşçylary we işgärleri üçin 113 günden gowrak dowam eden okuwlary geçirmek arkaly **durmuş işiniň nazaryýetini we bu boýunça tejribe öwretmek, hem-de Türkmenistanyň durmuş hyzmatlarynyň işgärleriniň mümkinçiliklerini artdyrmak.**<br>**Bar bolan durmuş hyzmatlarynyň sanawyny gözden geçirmek we ýöriteleşdirilen hyzmatlarda maksatlaýyn toparlaryň bolan zerurlyklaryna baha bermek.**<br>Bar bolan durmuş hyzmatlary bilen deňeşdirilende, täze ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlaryny milli ulgama ornaşdyrmak üçin esas hökmünde, olaryň artykmaçlygyny görkezmek maksady bilen **täze ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlaryň çykdajylarynyň we netijeliliginiň derňewini geçirmek.**<br>Türkmenistanyň ilatynyň ejiz toparlaryna berilýän durmuş hyzmatlarynyň görnüşlerini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak üçin durmuş hyzmatlarynyň hökümete degişli bolmadyk üpjün edijilerine döwlet sargytlarynyň mehanizminiň öňe sürülmegi we Hökümet tarapyndan kabul edilmegi maksady bilen, durmuş hyzmatlarynyň hökümete degişli bolmadyk üpjün edijileri arkaly resmi maýyplyk statusy bolan adamlar, ýekelikde ýaşaýan gartaşan adamlar we dowamly keselleri bolan adamlar üçin şahsy kömekçiniň **täze durmuş hyzmatlaryny işläp taýýarlamak we synagdan geçirmek.** |

**Birleşen Milletler Guramasynyň Neşe serişdeleri we jenaýatlar boýunça müdirligi** (UNODC) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna we halkara jenaýatçylyga garşy göreşmek boýunça dünýäde öňdebaryjy guramadyr. Birleşen Milletler Guramasynyň Neşe serişdeleri we jenaýatlar boýunça müdiriýeti bölümçeleriniň giňişleýin ulgamy arkaly dünýäniň ähli sebitlerinde hereket edýär.

**PAM-lary (Psihiki aktiw maddalary) ulanmagyň netijesinde ýüze çykýan bozulmalary bolan maşgalalar we adalat edaralary bilen gatnaşygy bolan ýaşlar üçin durmuş işi boýunça maksatnamalary** işläp düzmek **("Agzybir maşgala" we TreatnetFamily maksatnamalary).**

**Durmuş işgärler we durmuş işi bilen baglanyşykly hünärmenler üçin** PAM-lary ulanmagyň netijesinde ýüze çykýan bozulmalary bolan şahsyýetler, PAM-lary ulanmak töwekgelçiligine sezewar bolan ýaşlar, jenaýat kazyýeti ulgamy bilen gatnaşygy bolan ýaşlar we olaryň maşgalalary bilen işleşmek boýunça okuwlary geçirmek.

**Standart iş proseduralaryny, durmuş hyzmatlaryň ülňülerini** we ýokarda sanalyp geçilen toparlar üçin niýetlenen **hyzmatlaryň tehniki şertlerini işläp taýýarlamaga gatnaşmak**, şeýle hem bu toparlar üçin niýetlenen durmuş hyzmatlara degişlilikde kanunçylygy we kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny gözden geçirmek.

Töwekgelçilik toparyndaky ýaşlar, şol sanda kanuna boýun egmeýänler üçin we psihiki aktiw maddalary ulanmak bilen baglanyşykly bozulmalary bolan maşgalalar/ene-atalar üçin **hyzmatlary işläp taýýarlamak we synag etmek**, şeýle hem ýetginjekleriň töwekgelçilikli endiklerini azaltmak üçin ene-ata tarapyndan berilmeli goldawyň nusgasyny işläp düzmek.

**Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasy** (ÝUNFPA) – bu ösüş meseleleri bilen meşgullanýan gurama bolup, onuň wezipelerine ähli aýallaryň, erkekleriň we çagalaryň saglyga we deň mümkinçiliklere bolan hukuklaryny durmuşa geçirmäge kömek etmek girýär. ÝUNFPA-nyň strategik meýilnamalary (2018-2021, 2022-2025 ýý.) gender esasly zorlugy ýok etmek boýunça üç sany özgerdiji netijä gönükdirilendi: "2030-njy ýyla çenli öňüni alyp bolýan ene ölümlerini ýok etmek, maşgalany meýilleşdirmek üçin zerur bolan serişdeleriň mätäçligini ýok etmek we gender esasly zorlugy ýok etmek.

**Milli kanunçylyga syn bermek boýunça goldaw bermek**, kemçilikleri ýüze çykarmak we teklip edilýän ýerli derejede täze durmuş hyzmatlar ulgamyny goldamak üçin kanunçylyk we kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny üýtgetmek boýunça maslahatlary işläp düzmek.

Milli, sebitleýin we ýerli derejedäki durmuş hyzmatlarynyň täze ulgamyny goldaýan **iň amatly administratiw/institusional gurluşy teklip etmek.**

Jyns esasly zorluga garşy çäre görmek boýunça **standart iş proseduralarynyň** durmuş hyzmatlarynyň täze bukjasyna **girizilmegini üpjün etmek.**

Jyns esasly zorluga we reproduktiw saglygy üçin dürli töwekgelçiliklere sezewar bolýan aýal-gyzlaryň hukuklaryny we goraglylygyny üpjün etmek üçin durmuş hyzmatlaryny işläp taýýarlamak we synagdan geçirmek.





## Milli hyzmatdaşlar:

- Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi
- Türkmenistanyň Mejlisi
- Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi
- Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi
- Türkmenistanyň Bilim ministrligi
- Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi
- Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi
- Türkmenistanyň Adalat ministrligi
- Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi
- Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty
- Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti
- Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti
- “Ýeňme” JG
- “Keýik Okara” JG
- “Beýik Eýýäm” JG
- “Körler we kerler jemgyýeti” JG

## Halkara hünärmenleriň goldawy:

- Reproduktiw saglyk boýunça Gündogar Ýewropa instituty (Rumyniýa)
- Her bir çaga üçin hyzmatdaşlyk (hökümete dahylsyz halkara guramalar)
- Durmuş işi we tejribesi boýunça instituty (Bolgariýa)





**Ýerli derejedäki inklýuziw ýokary hilli durmuş hyzmatlaryny**
ornaşdyrmak arkaly durmuş taýdan goraglylyk ulgamyny kämilleşdirmek

# KOMPONENT 1

Ýerli derejede durmuş hyzmatlarynyň inklýuziw nusgasy, esasy elementleri bilen birlikde işlenip düzüldi we ornaşdyryldy



# Hyzmatlaryň taslamasy we hasaplanmasy

Bilelikdäki maksatnamanyň hyzmatdaşlary durmuş hyzmatlarynyň nusgasyny işläp düzdüler, ol doly işe girizilende, ilatyň ejiz toparlaryna ykdysady, jemgyýet we medeni durmuşa doly gatnaşmak üçin zerur bolan mümkinçiliklere we çeşmelere elýeterliligi üpjün eder.

Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde işlenip düzülen inklýuziw durmuş hyzmatlarynyň prototip nusgalary, jemgyýetden üzňeligiň düýp sebäpleriniň we netijeleriniň çözgüdini tapmaga gönükdirilendir. Olar hyzmatlardan peýdalanýan adamlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmäge ýardam edýär we häzirki wagtda “üns berilmän” galýan adamlaryň köp gowşak taraplaryny we zerurlyklaryny ähli derejelerde göz öňünde tutýarlar.

Durmuş işiniň pudagy üçin işlenip düzülen nusga üç derejeden ybarat. Ählumumy derejede hyzmatlar ýurduň ähli çagalary we ululary üçin dürli pudaklar boýunça zerur ýerlerde gönüden-göni elýeterlidir. Olaryň arasynda bilime, ýaşaýyş jaýa, durmuş taýdan goraglylyga, iş bilen üpjünçilige we saglygy goraýyş hyzmatlaryna elýeterlilik bar. Häzirki wagtda Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde synag edilýän ikinji derejeli hyzmatlar, goşmaça durmuş goldawyna bolan zerurlyklara baha berlenden soňra hödürlener. Olara etraplaryň derejesindäki durmuş hyzmatlary, şeýle hem 12 ýöriteleşdirilen hyzmatlar degişlidir. Bu hyzmatlar, adatça, öýlerde ýa-da jemgyýetçilik merkezlerinde, şeýle-de hökümete degişli bolmadyk durmuş hyzmatlaryny üpjün edijileriň üsti bilen berilýär. Ahyrynda, üçünji derejeli hyzmatlar (internat görnüşli ideg) diňe kazyýetiň karary ýa-da Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ýollanma haty boýunça berilmelidir.




**Goşmaça zerurlyklary goldamak we mätäç diýlip kesgitlenen adamlaryň hukuklaryny üpjün etmek üçin durmuş hyzmatlary**

**Hyzmatlaryň görnüşleri:**
durmuş-gündelik ideg hyzmatlary; durmuş-lukmançylyk; sosial-psihologiki, sosial-pedagokiki; durmuş-iş üpjünçiligi; sosial-hukuk.

**Hyzmaty üpjün etmegiň görnüşleri:**
öýde, gündelik ideg görnüşinde (ýarym stasionar) we ýaşalýan ýeri boýunça.

**ÜÇÜNJI DEREJELI HYZMATLAR**

- **Alternatiw ideg:** Öýde ideg.

**IKINJI DEREJELI HYZMATLAR**

- **Etrap boýunça durmuş işi hyzmatlary:** baha beriş, gönüden-göni goldaw, ugrukdyrmak, hadysalary dolandyrmak. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri boýunça gözegçilik.
- **Ýöriteleşdirilen hyzmatlar:** Şahsy kömekçi, Hossaryň ideginden çykan şahsyýetler, agyr ýagdaýda gaçybatalga, çagalar üçin işjeň maşgalala goldawy we agyr ýagdaýa düşen maşgalalar.
- **Ýöriteleşdirilen hyzmatlar:** Internatdan alyp, maşgala durmuşyna täzeden girizmek; ene-atalara tälim bermek: öýde gündizki ideg; gündizki ideg (durmuş hyzmaty).

**BEÝLEKI PUDAKLARDA esasy çäreler**

- **Bilim:** çaganyň irki ösüşi, çagalar bagy, mekdep, mekdepden soňky bilim.
- **Ýaşaýyş jaý goldawy** Umumy ýaşaýyş jaýy Hossarlykdan çykan şahsyýetler üçin ýaşaýyş jaý goldawy.
- **Durmuş taýdan goraglylyk:** Nagt pul ýeňillikleri, subsidiýalar, pensiýalar, Hukuk taýdan kömek.
- **Işe ýerleşmek ugrunda goldaw:** tehniki, hünär, bilim we okuw; çagaly maşgalalar we hossarlykdan çykan şahsyýetler üçin işe ýerleşdirmek hyzmatlary.
- **Saglygy goraýyş hyzmatlary:** Saglygy goraýyş hyzmatlary, şol sanda akyl saglygyna goldaw, maşgala lukmany, öýe gelip gidýän şepagat uýasy.

Durmuş işi - hünär boýunça kärdir. Onuň wezipesi ilatyň durmuş taýdan abadançylygyny, ýaşaýyş şertlerini we durmuş taýdan hereket edişini gowulandyrmak, hem-de maşgalada we umuman jemgyýetde gatnaşyklary sazlaşdyrmak bolup durýar.

Bu proses durmuş hyzmatlaryny bermegiň täze nusgasyny işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak üçin esaslary döredip, işiň gidişinde berilýän hyzmatlary kartalaşdyrmakdan we synag jemgyýetlerinde maksatlaýyn toparlaryň şahsy talaplaryna baha bermekden başlandy.

Bir nusgaly hyzmatlar işlenip taýýarlanyldy, olaryň netijeliligi bolsa, ölçendi we olara baha berildi. Bu bir nusgaly hyzmatlar üçin döwlet maliýeleşdirilmegiň mehanizmleri döredildi.

2020-nji ýylda global pandemiýanyň döreden kynçylyklaryna garamazdan, Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde ýurduň durmuş hyzmatlarynyň wekilleri we hökümete degişli bolmadyk durmuş hyzmatlaryny üpjün edijileri üçin ok uwlar başlandy, şeýle hem 2021-nji ýylda döwletiň maliýeleşdir megi bilen durmuş üpjünçiligi boýunça goşmaça 45 işgärler işe kabul edildi hem-de olar durmuş işleriniň nazaryýeti we tejribesi boýunça degişli okuwlary okap tamamlanlaryndan soňra, Türkmenistanyň çäginde Aşgabat şäheriniň we bäş welaýatyň 20 etraplarynda hyzmatlary amala aşyrdylar.

Durmuş hyzmatlaryny ýerine ýetiren 45 işgäriň tejribesi we iş ýüki esasynda ilatyň has mätäç toparlarynyň talaplaryny (zerurlyklaryny) kanagatlandyrmak üçin ýurtda durmuş işgärleriniň jemi näçesi gerekdigini ýüze çykarmak üçin seljeriş işleri geçirildi. Seljeriş işleri 2030-njy ýyla çenli durmuş hyzmatlaryna mätäç bolan ilatyň azyndan 0,1% -ni goldamak üçin 1000-den gowrak durmuş işgärleriniň gerek boljakdygyny görkezdi. Şeýle hem, seljeriş işleri Durmuş hyzmatlary boýunça Bilelikdäki maksatnama işe girizilmezden ozal, ilatyň 0,01%-niň [5] durmuş hyzmatlaryndan peýdalanandygyny, bir ýylyň dowamynda durmuş hyzmatlarynyň synag görnüşinde berlen döwründe bolsa, u görkezijiniň iki esse artyp, 0,02% [6] bolandygyny görkezdi.

## Barlaglar jemi 20 etrapda geçirildi(Aşgabatda we 5 welaýatda): 2021-nji ýylyň ýanwar-maý aýlary aralykda.



**870-isi**
başlangyç bahany aldylar.

**667-si**
soňky toplumlaýyn bahany aldylar.

**314-si**
üçin şahsy (ýekebara) goldaw meýilnamalary işlenip taýýarlanyldy (olaryň talaplary has ýokary bolup durýardy).

Hyzmatlary alýanlar (şol sanda, baha berilýän öý hojalyklarynyň agzalary ), köp halatlarda umumy ilatdan ybarat bolup, olaryň arasynda gartaşan adamlaryň we çagalaryň paýy köpräkdir (olar goşmaça goraglylyga mätäçdir).

| Ýaş topary | Alyjylar | | Jemi ilat | |
|---|---|---|---|---|
| | **Sany** | **Alyjylaryň göterimi** | **Sany[4]** | **Umumy ilatyň göterimi** |
| 18 ýaşdan kiçi | 934 | 40 | **2,152,000** | 36 |
| 18-59 | 1196 | 51 | **3,390,000** | 56 |
| 60 we ondan uly | 205 | 9 | **489,000** | 8 |

| | Pensiýa we kömek pullaryny almadyk adamlar | | Pensiýa we kömek pullaryny alan adamlar | |
|---|---|---|---|---|
| | **Sany** | **Alyjylaryň göterimi** | **Sany** | **Umumy ilatyň göterimi** |
| Hyzmatlara mätäç adamlar | 66 | 87 | 284 | 80 |
| Hyzmatlara mätäç däl adamlar | 4 | 5 | 65 | 18 |
| Näbelli | 6 | 8 | 5 | 2 |

Pensiýa we kömek pullaryny alýan öý hojalyklary, takmynan dört esseden gowrak ýagdaýlarda goşmaça hyzmatlara mätäç däldirler (18 % bilen deňeşdireniňde 5%).

4 BMG, Ykdysady we durmuş işleri boýunça bölümi, Ilat bölümi (2019 ý.). Dünýä ilaty barada garaýyşlar 2019 ý., onlaýn neşir. 1-nji nusga

5 Durmuş hyzmatlarynyň sanawy, Bilelikdäki maksatnama/BMGÖM, 2020 ý.

6 Bilelikdäki maksatnamanyň ýyllyk hasabaty. 2022 ý., ýanwar.

## Ýerli derejede ýokary hilli inklýuziw durmuş hyzmatlary diýip, biz haýsylara düşünýäris?

- Durmuş talaplaryny özbaşdak amala aşyrmaga goldaw bermek üçin maýyplygy bolan adamlara we ýekelikde ýaşaýan gartaşan adamlara öýde hyzmatlary berýän şahsy kömekçiniň hyzmatlary
- Dowamly keselleri bolan we saglygynyň dikeldilmegine we öýde ideg edilmegine mätäç bolan adamlara saglygyny saklamak boýunça şahsy kömekçiniň hyzmatlary
- Agyr durmuş ýagdaýlaryna düşen maşgalalary, şol sanda maýyplygy bolan çagaly maşgalalary goldamak boýunça hyzmatlar
- Ene-atalarynyň hossarlygyndan galan çagalary täzeden maşgala durmuşyna girizmek we ene-atalary bilen aýrylyşmak howpuna düşen çagalaryň toplumlaýyn durmuş goldawy boýunça hyzmatlary
- Maşgalada zorluga sezewar bolýan aýallary goldamak boýunça hyzmatlar
- Guramalardan çykyp gidýän ýaş adamlaryň jemgyýete gatnaşmagyny üpjün etmek üçin goldaw berýän hyzmatlar
- Psihiki aktiw maddalaryna garaşly ene-atasy bolan maşgalalara berilýän hyzmatlar

Şeýle hem, Bilelikdäki maksatnama pandemiýa bilen baglylykda teklip etmek üçin uýgunlaşdyrylan we durmuş taýdan çetleşdirilen we pes girdejili öý hojalyklaryna COVID-19 keseliniň durmuş we ykdysady täsirlerine garşy has çydamly bolmaga ýardam berýän ýerli derejede ýokary hilli öz içine alyjy durmuş hyzmatlaryny ornaşdyrdy.

## Gender duýgurlylygy

Bilelikdäki maksatnamada gender meseleleriniň hasaba alynmagyny üpjün etmek üçin tagallalar edildi.

- Synagdan geçirilýän durmuş hyzmatlarynda gender meseleleri hasaba alyndy, durmuş işgärleri gender meseleleri we gendere degişlilikde maýyplyk, garyplyk hem-de zorluk boýunça okuwlary geçdiler.
- Gender esasly zorluk: durmuş işgärleri we durmuş işleri bilen ugurdaş hünärler üçin okuw modullaryna goşulan, ýerine ýetirmeli umumy amallar işlenip taýýarlanyldy.
- Gender esasly zorluga we öýdäki (maşgaladaky) zorluga sezewar bolýan aýallar, şeýle hem islenmedik göwreliligi başdan geçirýän ýa-da çaga doglanda ondan ýüz öwürmek howpuna düşýän aýallar üçin 2 ýöriteleşdirilen hyzmatlar ornaşdyryldy. Türkmenistanda gender esasly zorluk we maşgaladaky zorluk baradaky meseleler ozal ara alnyp maslahatlaşylmandygy zerarly bu meseleler has wajypdyr.
- Zenanlar Geňeşi we "Ýeňme", "Beýik Eýýam", "Keýik okara" ýaly jemgyýetçilik birleşikleri hem strategik, hem operatiw (dessin) derejelerinde esasy hyzmatdaşlar boldular.
- Durmuş işgärleriniň 50 göterimi zenanlar bolup durýar

2020-nji ýylda Bilelikdäki maksatnamanyň başlanan döwrüne çenli döwlet tarapyndan berilýän durmuş hyzmatlary ilatyň **0,01%-ne** elýeterlidi.

Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde döwlet tarapyndan berilýän durmuş hyzmatlary synag hyzmatlarynyň berilmegi netijesinde ilatyň **0.02%-ne** elýeterli boldy.

Ilatyň talaplarynyň doly kanagatlandyrylmagy üçin döwlet tarapyndan berilýän durmuş hyzmatlary ilatyň 0,1%-ne elýeterli bolmalydyr.

# Tehniki şertleri işläptaýýarlamak we olara syn bermek

Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde işleýän hukuk meseleleri boýunça bilermenler etraplaryň durmuş işgärleri üçin we 12 ýöriteleşdirilen hyzmatlar üçin tehniki şertleri işläp taýýarlamaga hem-de olary gözden geçirmäge Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligine ýardam berdiler. Hyzmatlar resmileşdirilýär hem-de olaryň peýdalylygyna we netijelerine gözegçilik edilýär.

Bilelikdäki maksatnamanyň tehniki topary Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligine bermek maksady bilen kanundan gelip çykýan namalar derejesindäki kadalaşdyryjy hukuk binýadyny işläp taýýarlaýarlar. Kabul edilenden soňra, bu kadalaşdyryjy binýat 2022-nji ýylyň durmuş hyzmatlary hakynda täze Kanunyny doly durmuşa geçirmäge mümkinçilik berer. Teklip edilýän kadalaşdyryjy binýat ilatyň ejiz gatlaklarynyň, şol sanda aýallaryň, çagalaryň we gartaşan adamlaryň gendere, maýyplyga, bähbitlerine degişlilikde taraplaryny hasaba alýar.

# Baha berme

Bilelikdäki maksatnamanyň işi netijesinde durmuş işi boýunça 45 hünärmen 20 etrapda **1 132** sany öý hojalyklarynyň (jemi **4 897** hyzmatlardan peýdalanýan adamlar)[7] takyk zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlarynyň täze görnüşlerine bolan isleglerine hem-de olary öz jemgyýetlerinde özbaşdak durmuşy alyp

7 Bilelikdäki maksatnamanyň ýyllyk hasabaty. 2022 ý., ýanwar.

barmak üçin goldamaklyga baha berdiler. Baha berilýän ýagdaýlar köp derejede ýurduň ilatynyň ýaşy we jynsy babatynda görkezijisi bolup durýar.

Durmuş hyzmatlaryndan peýdalanýan adamlaryň köpüsiniň zerurlyklary, birinji nobatda, pensionerler we durmuş kömek pullaryny alýan adamlar, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň durmuş işi boýunça hünärmenler tarapyndan baha berildi. Ahal welaýatynda hünärmenler durmuş hyzmatlaryndan peýdalanyp başlan adamlary anyklamak üçin düşündiriş işlerini geçirdiler we ýüztutmalaryň derejesi ýokary boldy.

## Durmuş işi boýunça hünärmenler we ýöriteleşdirilen hyzmatlar tarapyndan göni goldawyň berilmegi

Durmuş işi boýunça hünärmenler ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlaryny bermek arkaly goraglylyga mätäç bolan toparlara hem gönüden-göni goldaw berdiler. Netijede, etraplaryň durmuş işi boýunça hünärmenlerinden, içinde 1 241 çaga we 1 862[8] uly adam ýaşaýan 675-e golaý maşgala goldaw aldylar, şol sanda beýleki hyzmatlardan we toplumlaýyn barlaglardan peýdalandylar.

Durmuş taýdan goldamak we çylşyrymly durmuş, psihologiki meseleleriň çözgüdini tapmak, şol sanda maýyplyk, çagalary goramak, şeýle hem maşgalada zorluk ýaly meseleleriň çözgüdini tapmak ugurlarda berlen on iki ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlaryň üsti bilen 292 mätäç adamlar [9] we olaryň maşgalalary (567 adama golaý) goldaw bermek bilen öz durmuşlaryny özgertdiler. 2021-nji ýylyň iýun aýy we 2022-nji ýylyň mart aýy aralygynda hyzmatlardan peýdalanýan adamlaryň sanyna şu aşakdakylar girdi[10]:

- Maýyplygy bolan 17 çaga we olaryň maşgalalary
- Agyr durmuş ýagdaýyna sezewar bolan çagaly 19 maşgala
- Öz maşgalalaryna gowuşmak maksady bilen, 7 kiçi ýaşly çaga we olaryň maşgalasy: 2021-nji ýylyň dekabrynyň ahyryna çenli 2 çaga öýüne gaýdyp geldi we golda almagy dowam etdiler
- Internady tamamlap, çykyp giden ýaşlaryň 10-sy
- Töwekgelçilik toparyna degişli ýaşlaryň 60-sy we olaryň maşgalalary
- Öýde zorluga sezewar bolan 67 aýal
- Islenmedik göwrelilik ýa-da özüniň täze dogan çagasyndan ýüz öwürmek ýagdaýyndaky 5 aýal
- Maýyplygy bolan 50 erkek we aýal adam
- Öz maşgalalarynyň goldawyndan galan 50 gartaşan aýal we erkek adam
- Dowamly kesellerden gutulmak döwründäki 37 adam
- 1379-dan gowrak adam “gyzgyn telefon” hyzmatlaryndan peýdalandy.



### Ýöriteleşdirilen hyzmatyň nähili işlemelidigininiň mysaly:

Ene-atasynyň hossarlygyndan galan, agyr durmuş ýagdaýlarynda ýaşaýan, zerur uýgunlaşma enjamy bolmadyk we ýeňilliklere mätäç maýyplygy bolan şahsyýet

**Ýörite okadylan şahsy kömekçiniň gündelik saparlary**

3 aýdan soň:



Gündelik meseleleriniň çözgüdini tapmakda ýardam etmek, hereket etmegini gowulaşdyrmak, öz durmuşyna has gowy gözegçilik etmegi

6-12 aýdan soň:



Özüne bolan ynamynyň artmagy, okuwlary geçmek, işe ýerleşmek we girdejiniň artmagy

8 Bilelikdäki maksatnamanyň ýyllyk hasabaty. 2022 ý., ýanwar.

9 Derňew Bilelikdäki maksatnamanyň dolandyryş komitetine hödürlendi. 2022-nji ýylyň marty.

10 Bilelikdäki maksatnamanyň ýazgylary

Oguljeren, 65 ýaşyndaky aýal, özbaşdak ýaşamakda kynçylyk çekýär. Bejerip bolmaýan kesel sebäpli onuň kiçi gyzy aradan çykdy, onuň özünde düwnük (rak) keseli ýüze çykdy we oňa operasiýa etdiler. Ol fiziki we akyl taýdan ejir çekdi we onuň ýaşaýşy agyrlaşdy. Onuň süýji keseli, ýokary gan basyşy we ýüreginiň işemiýa (koronar) keseli bar.

Soňky aýlarda Oguljereniň ýagdaýy şahsy kömekçiniň goldawy bilen gowulaşdy. Kömekçi Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde synag görnüşinde geçirilýän durmuş taýdan saglygy bejeriş hyzmatlaryny etmek üçin yzygiderli onuň halyndan habar alýar. Dowamly keselleri bolan adamlar üçin öýde edilýän durmuş taýdan saglygy bejeriş hyzmatlary BMGÖM tarapyndan grantly maliýeleşdirmek arkaly Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti tarapyndan synag edilýär.

Giňişleýin okamak üçin biziň web sahypamyza geçiň

Oguljeren, 65 ýaşyndaky aýal, özbaşdak ýaşamakda kynçylyk çekýär. Bejerip bolmaýan kesel sebäpli onuň kiçi gyzy aradan çykdy, onuň özünde düwnük (rak) keseli ýüze çykdy we oňa operasiýa etdiler. Ol fiziki we akyl taýdan ejir çekdi we onuň ýaşaýşy agyrlaşdy. Onuň süýji keseli, ýokary gan basyşy we ýüreginiň işemiýa (koronar) keseli bar.

Soňky aýlarda Oguljereniň ýagdaýy şahsy kömekçiniň goldawy bilen gowulaşdy. Kömekçi Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde synag görnüşinde geçirilýän durmuş taýdan saglygy bejeriş hyzmatlaryny etmek üçin yzygiderli onuň halyndan habar alýar. Dowamly keselleri bolan adamlar üçin öýde edilýän durmuş taýdan saglygy bejeriş hyzmatlary BMGÖM tarapyndan grantly maliýeleşdirmek arkaly Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti tarapyndan synag edilýär.





### JG “Keýik okara” öýde zorluga sezewar bolan aýallara örän wajyp goldawy berýär

Adamsyny ýitirenden soň, 36-ýaşly Sülgüni adamsynyň garyndaşlary öz ene-atasynyň öýüne gaýdyp gitmelidigini ynandyrdylar. 11 ýaşly maýyplygy bolan ogly Serdara hemişe seretmelidigi zerarly, onuň ne işi, ne-de ene-atasy tarapyndan goldawy bardy. Sülgüni iki otagly öýüň balkonynda wagtlaýynça ýerleşdirdiler, ol kakasy we beýleki maşgala agzalary tarapyndan kemsidilmelere we zorluga sezewar bolýardy hem-de tiz wagtda öýsüz galdy. Akyla şikes ýetirýän şeýle ýagdaý saglyga, öndürijilige we aýalyň, onuň çagalarynyň durmuşynyň hiline hem-de jemgyýete düýpli täsir edýär.

Sülgün göwnüçökgünlik ýagdaýa düşdi, onuň kyn gününde goldaw berjek ne dost-joralary, ne-de maşgalasy bardy. Emma ol “gyzgyn telefonyň” bardygy baradaky bildirişi tötänden görýär. “Gyzgyn telefon” belgisine jaň edeninden soňra, oňa ýolbaşçylyk edýän “Keýik okara” Jemgyýetçilik guramasynyň işgärleri ony diňlediler, onuň ýagdaýyna baha berdiler we ilki bilen ony psihologyň ýanyna ugratdylar. Soňra olar Sülgün üçin hukuk meseleleri boýunça hünärmen bilen we Zähmet we ilaty iş bilen üpjünçiligi baradaky bölümi, şeýle hem lukmanlar bilen oglunyň maýyplygy baradaky resminamalary resmileşdirmek üçin duşuşyklary gurnadylar. Mundan başga-da, ogluny mekdebe ýerleşdirmek üçin Bilim bölümi bilen duşuşygy gurnadylar.

*«Men ahyrsoňy özümi tutup başladym», — diýip Sülgün aýtdy. «Her bazar güni men öz Serdarymy mekdepden alyp gaýdýaryn hem-de indi meniň gurbumyň çatýan täze öýümde wagtymyzy bile geçirýäris. Meniň oglum meniň dartgynly ýagdaýdan çykandygymy, biziň has gowy durmuş üçin göreşmäge güýjümiziň bardygyny duýýar” – diýip, ol belleýär.*

*Ählumumy we ýörite ýagdaýlar boýunça jemleýji seljeriş 2022-nji ýylyň birinji çärýeginde geçirilýär. Maglumat-düşündiriş işleri we hyzmatlary giňeltmegiň geljekki meýilnamasy üçin, seljeriş jyns, ýaş, geografik ýerleşiş we maýyplyk baradaky ugurlar boýunça bölünendir.*





**Ýerli derejedäki inklýuziw ýokary hilli durmuş hyzmatlaryny**
ornaşdyrmak arkaly durmuş taýdan goraglylyk ulgamyny kämilleşdirmek

KOMPONENT
2

# Durmuş hyzmatlarynyň ornaşdyrylmagyna ýardam bermek üçin institusional we kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döretmek



# Durmuş hyzmatlarynyň kanunçylyk we kadalaşdyryjy binýadyna syn geçirildi

Durmuş goraglylygy çygryndaky hereket edýän milli kanunçylyga, milli maksatnamalara we kadalaşdyryjy namalara seljeriş berlenden soň, Bilelikdäki maksatnama Türkmenistanda durmuş hyzmatlaryny bermegiň täze nusgasyny ornaşdyrmak üçin teklip edilýän kanunçylyk we kadalaşdyryjy binýadynyň işlenip taýýarlanylmagyny goldady.

Maksatnama 2021-nji ýylyň dekabrynda Mejlis tarapyndan kabul edilen "Durmuş hyzmatlary hakynda" täze Kanunyň taslamasynyň işlenip taýýarlanylmagyny goldady. Täze Kanun ýerli derejede durmuş hyzmatlaryny ösdürmek üçin düzgünleri belleýär we durmuş hyzmatlarynyň çygryny giňeldýär, mätäçlik çekýän has uly toparlara öz tasirini ýetirer we bu hyzmatlaryň elýeterliligini üpjün eder, şeýle hem mätäç we ýekelikde ýaşaýan adamlaryň durmuşyna özgerdiji täsirini ýetirer.

Mätäç toparlaryň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin, şol sanda zorluk ulanmagyň öňüni almak we öýde zorluk ulanmakdan ejir çekenleri goramak, şahsy kömek hyzmatlary we çagalara berilýän hyzmatlar üçin on iki ählumumy we ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlary üçin kadalaşdyryjy resminamalaryň taslamalary işlenip taýýarlanyldy. 12 ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlaryna syn bermek 2021-nji ýylyň awgustynda başlandy we häzirki wagtda ýerine ýetirilýär.

Strategiýa derejesinde Türkmenistanda 2022-2030-njy ýyllar üçin durmuş hyzmatlaryny ösdürmegiň Milli meýilnamasynyň taslamasy işlenip taýýarlanyldy. Ol döwlet pudagara utgaşdyryjy mehanizminiň döredilmegini öz içine alýar. Meýilnamanyň Taslamasyny we hereketleriň Meýilnamasyny Bilelikdäki maksatnamanyň ahyrynda kabul etmek göz öňünde tutulýar.

Ýerli derejede hemmetaraplaýyn durmuş hyzmatlarynyň synag nusgasy 2022-nji ýylyň Döwlet býujetine goşuldy.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň we BMG-niň hpemişelik utgaşdyryjysynyň ýolbaşçylygynda Bilelikdäki maksatnamanyň Dolandyryjylar komiteti döredildi. Onuň hataryna ministrleriň orunbasarlary derejesindäki ähli milli hyzmatdaşlaryň wekilleri hem-de BMG-niň edaralarynyň ýolbaşçylary girýär. Bu komitet, şeýle hem maksatnamanyň Bilelikdäki tehniki iş topary Türkmenistanda ýerli derejede durmuş hyzmatlaryny mundan beýläk hem ýaýbaňlandyrmaga ýardam bermek üçin pudagara utgaşdyryjy hökümet mehanizmini döredýär.

# Durmuş-ykdysady taýdan seljeriş

Bilelikdäki maksatnama ýakyn wagtda täze nusganyň maliýeleşdirilmegi boýunça delile esaslanýan kararlary kabul etmek üçin durmuş hyzmatlarynyň täze nusgasynyň ykdysady netijeliligi we durmuş taýdan gymmatlygy barada Hökümete ynandyryjy maglumatlary bermegi, şeýle hem bu hyzmatlaryň tutuş ýurt boýunça gerimini, şol sanda durmuş işi boýunça işgärleriň etrap boýunça hyzmatlaryny giňeltmegi maksat edinýär. Munuň bilen baglylykda, ýerli derejede adaty we täze durmuş hyzmatlarynyň durmuş-ykdysady seljermesi geçirildi, onuň netijeleri, täze ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlarynyň gysga möhletine garamazdan - bu hyzmatlardan peýdalanýan adamlaryň öz jemgyýetlerinde durmuşynyň hilini ýokarlandyrmaga, maşgala gatnaşyklaryny dikeltmäge we goldamaga, şeýle hem jemgyýetleriň ilatyň gowşak toparlaryna bolan garaýyşlaryny üýtgemäge ýardam etdi.

Bu seljermäniň netijeleri, şeýle hem Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde adamlaryň jynsy, ýaşy, gowşak taraplary we geografik ýerleşişi boýunça alnan bölünmedik statistika maglumatlara esaslanýan beýleki gözleg işleri esasy milli hyzmatdaşlar bilen ara alnyp maslahatlaşylandan soňra, gözden geçirmek we durmuş hyzmatlaryny üpjün etmek ulgamyny özgertmek üçin kararlary kabul etmek, şol sanda ýerli derejede durmuş hyzmatlaryny maliýeleşdirmek we 2023-nji ýylda zerur bolan çykdajylaryň döwlet býudjetine goşulmagy üçin Hökümete geçiriler.





Maýyplygy bolan ulular üçin durmuş hyzmatlaryny etmek boýunça Bilelikdäki maksatnama ýola goýlandan soňra, bary-ýogy bir aýyň içinde Aşgabatda eýýäm 23 adama hyzmat edilýär. Olara özbaşdak ýaşamagy üçin goldaw berilýär. Bu hyzmatyň utgaşdyryjysy Güljahan Tanalowanyň beden-skelet ulgamynyň bozulmagy netijesinde maýyplygy bar. Gazagystanda we Täjigistanda maýyplygy bolan aýallaryň özbaşdak ýaşamak ukyplaryny ösdürmek boýunça okuwlary geçenden soňra, ol özi üçin we Türkmenistanda başgalar üçin has köp işleri amala aşyryp biljekdigine düşündi.

Maýyplygy bolan uly adamlar üçin BMGÖM tarapyndan maliýeleşdirilýän täze durmuş hyzmatlary Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde synag hökmünde ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlarynyň 12-den biri bolup durýar. Ol internat görnüşli edaralara maýyplygy bolan adamlaryň düşmeginiň öňüni almak we olara şahsy kömekçiniň ýardam bermegi bilen agyr durmuş ýagdaýlaryny ýeňip geçmek, öz şahsy mümkinçiliklerini durmuşa geçirip we özbaşdak durmuş hajatlaryny amala aşyryp bilmekleri üçin işlenip taýýarlanyldy. Şahsy kömekçiniň ýardam bermegine mätäç bolan maýyplygy bolan uly adamlar bu hyzmatlary Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde synagdan geçirýän “Ýeňme” jemgyýetçilik guramasyna ýüz tutup bilýärler, ýa-da durmuş işi boýunça hünärmenler mätäçlik çekýän adamlary bu hyzmatlara ýollap bilerler. Tanalowa we onuň topary şahsy zerurlyklara - bu hyzmatlardan peýdalanjak şahsyýet, şeýle hem maşgala saglygy, dynç ýa-da bedenterbiýe ýaly ugurlaryň hünärmenler bilen baha berýärler.

Giňişleýin okamak üçin biziň web sahypamyza geçiň





**Ýerli derejedäki inklýuziw ýokary hilli durmuş hyzmatlaryny**
ornaşdyrmak arkaly durmuş taýdan goraglylyk ulgamyny kämilleşdirmek

# KOMPONENT 3

# Milli durmuş işiniň we durmuş hyzmatlarynyň işgärleriniň mümkinçiliklerini pugtalandyrmak





# Durmuş işiniň nazaryýetini we tejribesini öwretmek

Milli durmuş işiniň we durmuş hyzmatlarynyň işgärleriniň mümkinçiliklerini artdyrmak üçin, umuman 8 aýdan gowrak wagty öz içine alan, ýurduň 5 sebitinde we paýtagtynda durmuş işiniň nazaryýeti we tejribesi boýunça uly möçberli okuw tälimleri geçirildi. Umuman Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde Türkmenistanyň durmuş hyzmatlarynyň 300-den gowrak işgärleriniň, şol sanda täze durmuş işgärleriniň, durmuş işi bilen baglanyşykly hünärleriň (hossarlyk edýän edaralaryň, ýetginjekleriň meselelerine gözegçilik edýän edaralaryň, polisiýanyň, neşe bejeriş klinikalarynyň, bilim we saglyk pudaklarynyň) wekilleriniň, durmuş hyzmatlaryny üpjün edýän döwlet we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň ýolbaşçylarynyň we işgärleriniň mümkinçiliklerini artdyrdy. Olar durmuş işiniň esasy we amaly taraplary bilen tanyşdylar hem-de alan bilimlerini we başarnyklaryny iş ýerlerinde amala aşyrdylar, şol sanda täze durmuş hyzmatlaryny synagdan geçirdiler. Durmuş hyzmatlaryny üpjün edýän ähli guramalar BMGÖM, ÝUNFPA, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatlar baradaky müdirligi we ÝUNISEF tarapyndan gurnalan ýöriteleşdirilen hyzmatlaryň takyk görnüşleri boýunça okuwlara gatnaşdylar.

COVID-19 pandemiýasy döwründe wideoaragatnaşyk, durmuş hyzmatlaryny uzak aralykdan bermek we akyl saglygyny saklamak boýunça modul Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň gatnaşmagynda, durmuş işgärleriniň, akademikleriň, we JG-niň işgärleriniň mümkinçiliklerini ösdürmek boýunça tälimler geçirildi.

## Okuw meýilnamasyny işläp taýýarlamak

Durmuş hyzmatlary boýunça işgärleriniň mümkinçilikleriniň durnuklylygyny üpjün etmek we olaryň ukybyny mundan beýläk ösdürmek maksady bilen, Türkmenistanyň Bilim ministrligi we öňdebaryjy milli uniwersitetler hünär hökmünde durmuş işi boýunça ýokary bilimiň okuw meýilnamalaryny işläp taýýarlamak boýunça Bilelikdäki maksatnamanyň esasynda işleýärler. Durmuş işi boýunça derejäni almak üçin okuwlar Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde işlenip taýýarlanan durmuş işiniň nazaryýetine, ýörelgelerine, düşünjelerine esaslanýan, okuw meýilnamasy esasynda alnyp barlar (şol sanda, hukuk esasynda, adamlaryň bähbidine gönükdirilen esasynda, güýçli taraplara we baha bermeklige esaslanýan, adamyň ösüşi boýunça nazaryýetini hasaba alyp, işleri alyp barmagyň usullaryna we talaplaryna baha bermek esasynda, hukuklaryň we mümkinçilikleriň giňelmegi esasynda). Okuw maksatnamasy halkara ülňülerine laýyk gelýär, şeýle hem Türkmenistanda ösüp barýan we ýerli derejede ýokary hilli durmuş hyzmatlarynyň emele gelýän ulgamyna, hem-de ýerli hukuk, durmuş we medeni şertlerine doly derejde uýgunlaşan durmuş işiniň tejribesine esaslanýar.

Durmuş işi boýunça instruktorlaryň we mugallymlaryň topary häzirki wagtda durmuş işgärleri üçin okuw meýilnamalaryny doly derejede işläp tamamlamak we okatmaga taýýarlyk görmek üçin goldaw alýarlar. Häzirki wagtda durmuş işi taýýarlyk ugry boýunça bakalawr okuwyny açmak meselesine seredilýär. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bu ýerleriň açylmagy  üçin sargyt hatyny taýýarlap ýollady.



Aşgabatdan Mergen Sähetliýewiň psihologiýadan ýokary bilimi bolup, täze hünär ugruny almaklygy niýet edinýär. Işe almak boýunça bäsleşikden üstünlikli geçip, ol Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan işe alnan 45 sany durmuş işgärleriniň biri bolýar.

Türkmenistanda durmuş işgärleriniň ilkinjileriniň biri bolup, Mergen diňe bir agyr durmuş ýagdaýa düşen maşgalalara durmuş hyzmatlaryny etmek bilen çäklenmän, eýsem durmuş iş hyzmatlarynyň nazaryýetçiler we tejribeçiler toparynyň işjeň agzasy bolup durýar hem-de özüniň baý amaly bilimlerini uniwersitetiň mugallymlary bilen paýlaşýar. Şeýlelikde, ol durmuş işi boýunça türkmen hünärment mekdebiniň döremegine hem-de ýokary okuw mekdeplerinde durmuş işi boýunça okuw meýilnamalarynyň kämilleşmegine ýardam berýär.

Giňişleýin okamak üçin biziň web sahypamyza geçiň

# Alnan sapaklar

## 1

Oňyn netijeleri gazanmak üçin, ýokary derejede pudagara gatnaşygy üpjün etmeli - Bilelikdäki maksatnama pudagara utgaşma boýunça ýolbaşçy derejede has oňaýlydyr.

## 2

Ilkibaşdan Birleşen Milletler Guramasy Bilelikdäki maksatnamanyň durnuklylygyny üpjün etmek üçin, durmuş işi boýunça hünärmenlerini Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi arkaly işe resmileşdirilmegi üçin işleri alyp bardy.

## 3

Bilelikdäki maksatnamanyň durmuşa geçirilişine jogapkärçilik çekýän BMG-niň her bir edarasy, kähalatlarda öz mandatlary bilen bagly işlerini ikinji hatarda goýup, bu maksatnamanyň has uly maksatlaryna we meselelerine üns bermelidi. Bu bolsa durmuş hyzmatlarynyň giň gerimli ulgamyny işläp taýýarlamakda üstünlik gazanmaga ýardam etdi.

## 4

COVID-19 pandemiýasynyň döreden çäklendirmeleri Bilelikdäki maksatnamanyň işe girizilen pursatyndan diýen ýaly başlandy. Bu ýagdaý Bilelikdäki maksatnamanyň toparyny döredijilikli çemeleşmeleri ulanyp, okuw ulgamyny onlaýn görnüşe geçirmegi mejbur etdi, bu bolsa, milli hyzmatdaşlara onlaýn ýygnaklaryna gatnaşyp, duşuşyklary geçirmäge we maslahatlaşmaga, şeýle hem halkara maslahatçylary üçin ulag çykdajylaryny tygşytlamaga, iş saparlarynyň çäginde meýilleşdirilen mümkinçiliklere garanyňda, has uzak wagtyň dowamynda goldaw almaga mümkinçilik berdi. Emma bu çemeleşmäniň kemçilikleri hem bardyr. Mysal üçin, amaly işiniň ilkinji tapgyrynda durmuş işgärlerine we durmuş hyzmatlaryny üpjün edijilere has çuňňur goldawy üpjün etmek üçin halkara bilermenlerini çekmek mümkinçiliginiň bolmazlygy belli bir kynçylyklary döretdi.

## 5

Bilelikdäki maksatnama milli hyzmatdaşlaryň durmuş hyzmatlaryna mätäç ilatyň giň toparlaryna täzeden seretmäge ýardam berdi. Eger ozal diňe gartaşan adamlara we maýyplygy bolan adamlara hyzmatlar göz öňünde tutulan bolsa, indi döwlet meýilnamalaşdyrylyşy beýleki mätäç toparlary hem öz içine alýar. Mysal üçin, çagaly maşgalalar, howandarsyz galan ýaşlar, öýde zorluga sezewar bolýan aýallar, alkogol içgileri içýän we neşe serişdelerini ulanýan adamlar, jenaýat jogapkärçiligine çekilmek howpy abanýan ýetginjekler.

## 6

Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde anyk maglumatlara esaslanýan kararlary kabul etmek işi, häzirki wagtda öz resminamalarynda has köp seljerme häsiýetindäki maglumatlary we anyk maglumatlary ulanýan hyzmatdaşlar tarapyndan uýgunlaşdyryldy we peýdalanylýar.



# Garaşylýan netijeler

Bilelikdäki maksatnama milli ileri tutulmalar esasynda işlenip taýýarlanylyp, ýurdy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Strategiki meýilnamasyna laýyk gelýänligi sebäpli, esasy üstünlik Hökümetiň maksatnamanyň netijeleri üçin jogapkärçiligi doly öz üstüne almagydyr. Maksatnamanyň umumy netijelerine degişlilikde, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi gyzyklanma bildirdi, Türkmenistanyň Mejlisi Durmuş hyzmatlary hakynda täze Kanun babatda gyzyklanma bildirdi, şeýle hem Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministrligi býujet serişdelerini bölüp berilmek boýunça razylygyny bildirdi.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi durmuş hyzmatlarynyň yzygiderli ösüş prosesiniň başynda durýar, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bolsa, durmuş hyzmatlary hakynda täze Kanuna laýyklykda durmuş hyzmatlaryny işläp taýýarlamakda we olary bermekde ygtyýarlydyrlar we belli-bir orna eýedirler. Kanunda we 2022-2030 ýyllarda durmuş hyzmatlaryny ösdürmek boýunça Milli meýilnamasynyň taslamasynda bellenişi ýaly, ministrlikleriň arasyndaky işi utgaşdyrmak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan amala aşyrylar diýip garaşylýar.

Durmuş işgärleriniň we ykdysady seljerişiň bahalary netijesinde alnan maglumatlar, Bilelikdäki maksatnama tamamlanandan soňra durmuş hyzmatlary hakynda täze Kanunyň ýerine ýetirilmegini hem goşmak bilen Bilelikdäki maksatnama tarapyndan synag edilýän durmuş hyzmatlaryny ösdürmegi meýilleşdirmekde hökümet tarapyndan ulanylar.

Täze kanun durmuş işgärleriniň täze wezipelerini institusionallaşdyrmak üçin degişli maliýeleşdirmek mehanizmini döretmäge Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligine ýardam berer. Soňra 2025-nji ýyla çenli ony hereket edýän milli ösüş we adam hukuklary ugrunda, şol sanda çagalar, aýallar we maýyplygy bolan adamlar babatda giňeltmeli.



## DURMUŞ IŞGÄRLERINE BOLAN TALAPLARY HASAPLAMAK

**Durmuş işi boýunça etraplaryň Hünärmenleri tarapyndan geçirilen deslapky seljeriş şu aşakdakylary görkezdi:**

- Barlanan adamlaryň **6%-i** kyn ýagdaýlarda goldamak üçin gyssagly ýardama mätäçdiler. Barlananlaryň köpüsi durmuş kömegini alanlaryň sanawyndan ýüze çykaryldy.
- Ýene **32 %-i** agyr durmuş ýagdaýlaryna düşendikleri sebäpli, goldaw meýilnamalaryna mätäçdiler.
- Bu, kömek alanlaryň **38%-niň** goşmaça hyzmatlara we kömek pullaryndan başga goldawa mätäç bolandyklaryny aňladýar.
- Birleşen Milletler Guramasynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň işläp taýýarlan ilkibaşdaky meýilnamasy durmuş işgäriniň, gyssagly goşulmagyny talap edýän kömek pullaryny alýanlaryň 6%-niň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin taýýar bolmalydyklaryndan ybaratdyr.
- Ilatyň takmynan 6 adamdan biriniň kömek puluny alýandygy sebäpli, bu ilatyň umumy sanyndan 1% bolýandygyny görkezýär.
- Eger bir durmuş işgäri ýylda 75 ýagdaýlarda düşýän ýüke hötde gelýän bolsa (çagalar, ulular we gartaşan adamlar), (alty aýyň dowamynda yzygiderli gözegçiligiň 25 ýagdaýy = ýylda 50 ýagdaý we az depginlilikdäki gözegçiligiň 25 ýagdaýy = ýylda 75 ýagdaý), bu ilatyň 1%-ni doly gurşap almak üçin **807 etrap durmuş işgäriniň ýa-da ilatyň 7 476 adamy üçin 1 durmuş işgäriniň** gerekdigini aňladýar.

| | Ministrlik | 2022-2030ýý. Durmuş işgärlerine bolan potensial zerurlyk | Teklip |
|---|---|---|---|
| 1 | TZIDTGM: etraplardaky durmuş işgärleri | 807 | ilatyň 7 476 adamy üçin 1 (esasy gurşaw üçin iň az talap) |
| 2 | TZIDTGM: Merkezler | 90 | Her welaýat merkezinde 15 durmuş işgärleri |
| 3 | TSGDSM: internat edaralary | 27 | Ulular we kiçi ýaşly çagalar üçin her 9 edarada 3 durmuş işgäri |
| 4 | Billim ministrligi: internat edaralary; saglyk-pedagogik toparlary, ýörite bilim | 122 | 17 sany çagalar edaralarynda 3 durmuş işgäri<br>6 sany lukmançylyk-pedagogik toparlarynyň her birinde 2 durmuş işgäri |
| 5 | IIM: ýaşlar we öýde zorlugyň töwekgelçilik toparlary | 59 | bir etraba 1 durmuş işgäri |
| 6 | Beýleki ýöriteleşdirilen hyzmatlar, Bilelikdäki maksatnamanyň çäklerinde synag edilýär. | 136 | Ýaşlar we çagalar üçin hyzmatlara 100<br>Reproduktiw saglygy goramak üçin hyzmatlar we gender zorlugy 36 |
| | **Jemi:** | **1,241** | **Bu, 2030 ýylda ilatyň 5077 adama 1 durmuş işgäri degişli** |

| Ýylyň ahyryna | 2021 | 2022 | 2023 | 2024 | 2025 | 2026 | 2027 | 2028 | 2029 | 2030 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Durmuş işgärleriniň sany | 45 | 45 | 176 | 391 | 563 | 700 | 810 | 898 | 968 | 1,025 |
| TZIDTGM-niň täze sertifisirlenen durmuş işgärleri | | 140 | 250 | 250 | | | | | | |
| Durmuş işleri boýunça uniwersitetiň uçurymlary | | | | | 250 | 250 | 250 | 250 | 250 | 250 |
| Hünärini terk edýan durmuş işgärleriniň sany (ýylda 20%) | | -9 | -35 | -78 | -113 | -140 | -162 | -180 | -194 | -205 |
| **Jemi** | **45** | **176** | **391** | **563** | **700** | **810** | **898** | **968** | **1025** | **1070** |

Bilelikdäki maksatnamanyň goldamagynda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi goýlan maksatlara ýetmek üçin, her ýylda gerek bolan durmuş işgärleriniň sanyny hasaplady. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi 2050-nji ýyla çenli hökümetiň gün tertibinde durmuş hyzmatlaryny ösdürmekde berk durmaklygy kepillendirmek üçin, 2022–2030 ýyllar üçin durmuş hyzmatlaryny ösdürmegiň Milli meýilnamasyny eýýäm ulanýar. Durmuş işi boýunça 45 wezipe 2022 ýyl üçin Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň býujetine goşuldy hem-de 2023-nji ýylyň býujetinde olary azyndan iki esse (hat-da 3 esse) artdyrmak mümkinçiligi garaşylýar.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi mümkinçilikleri ösdürmek we okatmak boýunça bölümleri döretmek mümkinçiligine seredýär. Bu bolsa, durmuş işi boýunça täze hünärmenleri, ýagny, durmuş işini terk eden şahsyýetleriň ýerine gelen işgärleri we täze işgärleri okatmaga mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi “durmuş işgäriniň esasy hünärmeni” we “ýolbaşçy” wezipesine durmuş işgärlerini geçirmek üçin wezipe boýunça ösmek mehanizmini işläp taýýarlady. Bilelikdäki maksatnama Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligine ýolbaşçylyk ulgamyny dolandyrmagy öwretmekde goldaw berer. Bu durmuş işgärlerini saýlamaga we saklamaga kömek eder.

Şeýle hem, Bilelikdäki maksatnama Türkmenistanda belli-bir durmuş meseleleriniň çözgüdini tapmak ugrunda öňe gidişlik gazanmaga ýardam berýär. Maşgalada zorluga sezewar bolýan aýallar

üçin ýöriteleşdirilen hyzmatlaryň edilmeginde synagyň tejribesi ýerlerde bu hyzmatlaryň zerurdygyny görkezdi. Maşgala ýagdaýyny gowulandyrmak we maşgalada zorlugynyň öňüni almak baradaky halkara kadalaryna we tejribesine laýyklykda kanunçylygy kämilleşdirmek we bu ulgamda pudaklaryň arasyndaky hyzmatlary mundan beýläk ösdürmek, öýdäki zorluga pudagara täsir etmek çärelerini berkitmäge Hökümete ýardam berer. Bu iş döwlet ulgamynda we döwlete dahylsyz ulgamlarda ýöriteleşdirilen hyzmatlaryň maglumatlaryny ornaşdyrmak üçin hem-de häzirki wagtda bu hyzmatlar elýeterli bolmadyk, ýurduň başga sebitlerine ýaýratmak üçin zerur bolup durýar.

Mundan başga-da, ähli ýöriteleşdirilen hyzmatlar Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan institusionallaşdyrmak we maliýeleşdirmegi üpjün etmek üçin ulanyp boljak düzgünleriň ýygyndysynda we kadalaşdyryjy resminamalarda bellenilendir. 2022-ni ýylyň iýun çenli ýöriteleşdirilen hyzmatlary institusionallaşdyrmak boýunça bar bolan tagallalary goldamak üçin durmuş-ykdysady seljeriş we gutarnykly seljeriş hasabaty elýeterli bolar. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan uzak möhletli meýilleşdirme üçin ulanylýan durmuş hyzmatlaryny ösdürmegiň Milli meýilnamasynyň taslamasy teklip edildi. Oňa ähli durmuş hyzmatlaryny kadalaşdyryjy we syýasy derejede berkitmek boýunça hem-de durmuş hyzmatlaryny institusionallaşdyrmaga geçmek boýunça çäreler girýär.

Durmuş hyzmatlary hakynda Kanun kabul edilenden soňra, durmuş hyzmatlaryny düzgünleşdirmek ulgamyny berkitmek, şeýle hem täze elementleri ornaşdyrmak boýunça işler dowam etdirilýär, şol sanda, çagalary goramagyň berk ulgamy, durmuş hyzmatlaryny üpjün etmek üçin döwlet sargytlaryny ulanmak mümkinçiligi we maşgalada zorlugyň ulanylan ýagdaýynda aýallary we çagalary goramagy we goldamagy üpjün etmek maksady bilen, milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça işler dowam etdirilýär.



